# Çingiz hanyñ gazany

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Çingiz hanyñ gazany Çingiz hanyñ gazany

«Heý-jan! Heý-jan! –
Gaýna, lakyrda!
Gaýnaryña garaşýar
Jenap bokurdak!
Eýläk-beýläk! –
Saga hem sola
Düzülip aýlansañ ýene üç ýola,
Baýtallañ butlary pagta deý bişer,
Sürüden gymyzam gelip ýetişer!

Bol-ha! Bol-ha!
Aýlan, eý aýlan!
Tiziräk bişir-de,
Gazany düşür-de,
Ýene-de ýoluña, söweşe şaýlan!
Almasañ gazandan üleşiñ-paýyñ,
Dartylmaz söweşde señ çeýe ýaýyñ!
Bol-ha! Bol-ha!
Gaýna, lakyrda!
Gaýnaryña garaşýar
Jenap bokurdak!»

…Asyrlañ astynda,
Baýyrlañ üstünde
Atlar kişñeýär, –
Aşpezler gyssanýar
Gazana ot salýar,
Ot salýar, ýöne…
Nämüçin, nämüçin gazan bişmeýär?

Asyrlañ astynda,
Baýyrlañ üstünde

bişmeýän gazan,
Şol soñsuz tüsseläp, düşmeýän gazan,
Gadymy hanlaryñ soñky gazany, —
Taryhda galypdyr ýalñyz gazaryp!

Kyrk gulak gazany muzeýde gördüm,
Hanlañ işdäsine aňk bolup durdum, —
Gazanyñ agzy-da howuz ýalydy,
Gulagnyñ her birem doñuz ýalydy!

Egildim içine,
pitikläp misin.
Hem şonda eşitdim aşpeziñ sesin:
«Heý-jan! Heý-jan! Gaýna, lakyrda!
Gaýnaryña garaşýar jenap bokurdak!»…

Saýn-Şand ş. Mongoliýa, 1972

Annaberdi Agabaýew. Goşgular